*11-nji tema*: ***Türkmen Türkçesinde Fıkra ve Fıkra Örnekleri*** (Türkmen dilinde şorta sözler we şorta sözleriň nusgalary)

**Dersiň maksady:**

- ✓ talyplara türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik gurluş aýratynlyklaryny öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen diliniň sözlük hazynasyny we semantik aýratynlyklary öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen dilinde dürli temelar boýunça öz pikirlerini yzygiderli, logiki taýdan dogry beýan etmekligi öwretmek,
- ✓ talyplara türkmen diliniň dürs ýazuw düzgünlerini öwretmek;
- ✓ olara orfografik taýdan ýalňyşsyz beýan etmegiň tärlerini öwretmek;
- ✓ talyplaryň türkmen dilinde sözleýiş medeniýetini we ýazuw endiklerini hem-de başarnyklaryny ösdürmek;
- ✓ dersde türkmen dilini we edebiýatyny oňat öwretmek üçin talyplaryň özara işjeňligini ýola goýmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýat sapaklarynda tehniki serişdelerden peýdalanmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýaty dersleriniň üsti bilen talyplarda watansöýüjiligi, zähmetsöýerligi, agzybirligi, ahlaklylygy, ynsaplylygy, türkmen milli we dünýä gymmatlyklaryna buýsanç, gözellige söýgi duýgularyny terbiýelemek.

**Dersiň wezipeleri**:

- talyplaryň türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik başarnyklaryny ösdürmek;
- talyplaryň sözleýiş dilini kämilleşdirmek;
- talyplaryň ýazuw we hatdatlyk endiklerini ösdürmek,
- talyplaryň sözlük üstünde özbaşdak işlerini kämilleşdirmek
- talyplaryň okama we düşünme ukyplaryny ösdürmek;
- talyplaryň gürrüň berme we ýazyp beýanetme endiklerini kämilleşdirmek;
- söz öwrenme endiklerini artdyrmak;
- terjime etme ukyplaryny ösdürmek…

**Dersiň görnüşi**:

- ➢ dilden düşündirme;
- ➢ ýazuwdan beýanetme;
- ➢ sorag-jogap arkaly berkitme;
- ➢ shemaly we tablisaly düşündirme;
- ➢ tehniki serişdeler arkaly düşündirme;
- ➢ ýumşuň kömegi bilen geçileni gaýtalama…
- ➢ öý işi tabşyrma…

**Dersiň ýörelgeleri**:

- türkmen filologiýasy baradaky bilimiň mazmuny bilen onuň beýan edilişiniň bitewiligini gazanmak,
- türkmen diliniň beýleki dersler we durmuş bilen baglanyşygyny üpjün etmek;

- edeplilik, dogry sözlülik, ynsanperwerlik, yzygiderlilik, sylag-hormat we ýaş aýratynlyklara dogry gelmek.
- ders we durmuş, teoriýa we praktika gatnaşygy esasynda olaryň özara baglanyşygyny üpjün etmek…

**Dersiň usullary:**

- talyplaryň özbaşdak işleri we ýumuşlary barlag etmek;
- **ACTIV Studio** we **Power Point** maksatnamalaryndan peýdalanmak,
- türkmen filologiýasy boýunça öwredilýän temanyň prezentasiýasyny geçirmek,
- diliň grammatik kategoriýalary bilen baglanyşykly kynçylyklarda **„akylly sagady", "akylly kompasy" "akylly şejeräni"** kömege çagyrmak,
- talyplaryň arasynda özara pikirlenme minutlaryny geçirmek;
- talyplaryň logiki yzygiderliligine, subut edijiligine ünsi güýçlendirmek;
- Dersde düşnükliligi we aýdyňlygy üpjün etmek...

**Dersiň görkezme esbaplary:**

- okuw kitaplary,
- gepleşik gollanmalary,
- ýazdyrylan ylmy çeşmeler,
- usuly gollanmalar,
- ses ýazgylary,
- degişli suratlar,
- tablisalar, çyzgylar,
- sözlükler,
- metbugat maglumatlary.

## KER BIR ÝANA, KÖR BIR ÝANA

Bir adam bugdaý ekip ýör eken welin, biri gelip:

-Armaweri-diýipdir. Bugdaý ekýän oňa jogap bermän gidiberipdir. Ol adam ýene: -Armaweri - diýýär.

Onda daýhan oňa:-

Ýeri, ýoluňdan galma, arpa eken bilen ne işiň bar, bugdaý eken bilen ne işiň bar - diýipdir.

Ötegçi agşam öýüne gelende bu wakany aýalyna gürrüň edip beripdir welin, aýaly:

-Keteni alsaň hem özüň bil, sowsany alsaň hem özüň bil- diýýär. Soňra ol adamyň aýaly gyzynyň ýanyna baryp:-Kakaňa keteni alsaňam özüň bil, sowsany alsaňam özüň bil diýdim-diýip, habar berýär.

Onda gyzy ejesine:- Boýa berseňem özüň bil, dula berseňem özüň bil - diýipdir.

## SAMSYGYŇ SÖWDASY

Bir samsyk adam bar eken. Bir gün bir aýal dolak dokap, bazara barýan ýaňky samsykdan dolagyny satmaga iberýär hem-de şeýle diýýär:

-Dolagyň bahasynyň ujundan iki gyzymyň her haýsyna bir köwüş al, özüme-de mawut al, ärime-de -janymyň azary bolan bu sakgaly kesilene-de, bir don al-da, galanja puly özümejik getirip ber.

Samsyk bazarda dolagy ogurladypdyr. Ol soňra ondan-mundan sorap ýörşüne ogryny tapyp, dolaga derek ondan ýüz tylla alypdyr. Şeýdip, aňsat ýerden pullanan samsyk aýalyň sargan zatlarynyň hemmesini alyp, galan otuz ýedi tyllany hem oňa getirip beripdir.

Aýal samsygyň getiren zatlarynyň bahasynyň üstüne otuz ýedi tyllany goşup görse, dogry ýüz tylla bolaýypdyr. Ol oýlanypdyr, kelle döwüpdir, ýöne nätse-de, dolagyň bahasy çykmandyr. Ondan soň ol aýal dolagy üç tylla bahalap, ony hem samsygyň özüne töledýär.

Şeýdip, ol aýal oturan ýerinden birtopar zat bilen kyrk tylla gazanýar.

## DIÝSEŇ-DIÝMESEŇ BIÇEME DÄL

Bir gyz bir guýynyň başyna baryp, aglamaga başlapdyr. Enesi onuň yzyndan baryp: -Balam, nämä aglaýarsyň?- diýip sorapdyr.

Onda gyzy: -Aý, ene, meni äre berseňiz, mendenem ogul bolup, size gezmäge gelemde şu guýa gaçar diýip aglaýaryn- diýipdir.

Enesi:-Akylly, dana balam, diýseň-diýmeseň, şu aýdýanyň biçeme däl -diýip, özi hem aglamaga oturan. Bularyň yzyndan gyzyň atasy barypdyr.

Ol:-Ýeri, heleý, nämä aglaýarsyňyz?-diýip sorapdyr.

Heleýi oňa gyzynyň sözlerini aýdypdyr welin, ol hem ses etmäge başlapdyr.

## PIRIŇE GUÝRUK ELTIP BER

Bir sopy bir goçy südenekledip, pirine eltip bermek üçin alyp ugrapdyr. Ýolda oňa bir gassap duşup:-Goçy nirä alyp barýarsyň?-diýip sorapdyr.

Sopy:-Pirime alyp barýaryn-diýip, jogap beripdir.

Onda gassap:-Goçy maňa satyp, piriňe onuň guýrugyny eltip berseň, ýagşy bolar-diýipdir.

Sopy onuň aýdanyny unap, goçy sekiz gyrana satyp, guýrugyny dokuz gyrana satyn alyp, piriniň ýanyna barypdyr. Piri bolan işi aňyp, şeýle diýýär:

**Türküm, türküm türkümdir,**

**Türküm meniň görkümdir.**

**Köňlümde meniň gümanym bar.**

**Türkümde meniň aýanym bar.**

**Goçgaryn satar sekize,**

**Guýrugyn alar dokuza.**

## NURNYÝAZ ŞAHYRYŇ MASLAHATY

Nurnyýaz şahyrdan biri:

-Ýaşuly, näme kär edýärsiň?-diýip soraýar.

Şahyr:-Seýisdirin-diýip, jogap berýär.

-Seýis bolsaň, meniň bir atym bar, şony görüp ber. Ol adam soňra on bäş ýaşly aýagy döwük ýabyny getirip:

-Diýýänim şu at bolmaly-diýýär.

Nurnyýaz aty görüp: -Köp ýagşy atyň bar eken, emma aýagy harap bolupdyr-diýen,

Onda ýaňky adam:

-Seýis aga, muňa näme em etseň gutularka?-diýip sorapdyr.

-Aý, inim, munuň dermanyny menden sorama-da, öňkiň ýaly münüber -diýip, Nurnyýaz şahyr öz ýoluna gidiberipdir.